# Heññam nogtasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Heňňam nogtasy HEŇŇAM NOGTASY

Heňňamyň goýnunda ereýär günler,
Heňňamyň goýnunda ereýär ýyllar.
Hany, bir mahalky al elwan güller,
Hany, bir mahalky aşyk bilbiller.

Entegem küýseýän şol bilbilleriň
Möwje duşup, daşyp saýraýyşlarny.
Göreçlerme siňen elwan gülleriň
Meni humar edip, ereýişlermi.

Eşidesim gelýär daglaň sesini,
Gümmürdiler – dagyň yşky, nagrasy.
Köşeşdirmez aşyk köňlüň telwasyn,
Bulutlaryň arşdan ýollan çagbasy.

Asmana seredýän – täsin şygryýet,
Wah, toplasym gelýär hoşalaryny.
Ýakut ýyldyzlaryň bolşuna seret,
Zemine ýollaýar posalaryny.

Hyýal çapýar, ýüpden boşan atmy ýa?!
Darlyk edýär uç-gyraksyz Garagum.
Ýyllaň nogtasyny başa atmaýar,
Atyň kellesi deý tokga ýüregim.

Jumadurdy SEÝITMYRADOW. Goşgular